# Tolstoý watansöýüjilige garşy

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Tolstoý watansöýüjilige garşy TOLSTOÝ WATANSÖÝÜJILIGE GARŞY

- **Lew Tolstoý: “Watansöýüjilik duýgy taýdan zyýanly, doktrina taýdanam akmaklykdyr”**

Watansöýüjilik – adamlary birleşdirmäge däl-de, gaýtam saýrylaşdyrmaga, toparlara bölmäge hyzmat edýär. Watansöýüjiligiň häzirki wagtda tebigylykdan daşda, irrasional, zyýanly duýgudygyny, adamlaryň lapyny keç edýän güzaplaryň aglabasynyň sebäpkäridigini, hususanam, bu duýgynyň häzirki bolşy ýaly agitirlemeli däldigini, gaýtam tersine, adamkärçilikli ähli rasional ýollar arkaly basyp ýatyrmalydygyny, hatda düýp-teýkary bilen sogrup zyňmalydygyny birnäçe gezek tekrarlap geçipdim. Haýran galaýmaly, adamlary tary-mar eden umumy ýaraglanyşyň we weýran ediji uruşlaryň diňe şu duýgudan gözbaş alyp gaýdýandygyny hiç kim inkär edip bilmez. Özem ýagdaý şeýle bolup durka, watansöýüjiligiň yzagalaklykdygyny, könedigini, munuň zyýanly taraplaryny görkezýän ähli gipotezalarym hemişe we häzirem ýa-ha dymmaklyk bilen garşylanýar, ýa-da bilkastlaýyn ýalňyş düşündirilýär, ýa bolmasa diňe ýaramaz watansöýüjiligiň (jingoizmiň ýa-da şowinizmiň) melgun, emma oňyn watansöýüjiligiň ýazgarylmagy irrasional, hatda erbet-iňňän ýokary ahlak duýgusydygy geňsi, üýtgewsiz jogaplar bilen garşylandy we garşylanýar.
Bu hakykat, ýagny oňyn watansöýüjiligiň özeni bize ýa-ha hiç haçanam açyk düşündirilmezmikä diýýärin, gaýtam dogry düşündirmegiň deregne birgiden pöwhe, haý-haýly sözler dile alynýar, ýa-da watansöýüjilige perdelenip, birtopar başga düşünjeleri, hemmämiziň bilýän we netijelerinden lapykeç bolan, watansöýüjilik bilen hiç bir umumylygy bolmadyk nämedir bir zatlar hödürlenýär.
Köplenç halatlarda hakyky oňyn watansöýüjiligiň – adamyň öz halkyna ýa-da döwletine gönükdirlen, halklaryň asudalygyna

zelel ýetirmeýän hakyky bähbitlerden kemala gelýändigi aýdylýar.

Arada bir iňlis bilen uruş barada pikir alyşanymda oňa, urşuň düýp sebäbiniň köplenç aýdylşy ýaly açgözçülikli maksatlara däl-de, iňlis jemgyýetiniň tutuş ruhy ahwalyna siňdirilişiniň hakyky watansöýüjilikdigini aýtdym. Iňlis meniň bilen ylalaşmady. Onuň aýtmagyna görä, eger ýagdaý şeýle-de bolsa, häzir iňlisleri gurşap alan watansöýüjiligiň ýaramazdygyny görkezýär, emma onuň öz içindäki oňyn watansöýüjilik bolsa, iňlis raýatlaryny gowy adam bolmaga itermeli. Men ondan “Diňe iňlisleriň gowy bolmagyny isleýärsiňmi?” diýip soradym. Ol “hemmeleriň şeýle bolmagyny isleýärin” diýip jogap berdi. Ol bu jogap bilen ahlak, bilim ýa-da maddy-praktiki häsiýetli bolanda-da, hakyky bähbitleriň häsiýetnamasynyň barça adamzada uzaýandygyny aç-açan aýdýardy. Emma bular ýaly bähbitleri hemmeler üçin isleýän adam watansöýüjiligiň çägine sygmaýar, has dogrusy ol munuň çöwre ýüzüdir.

Halklaryň hususyýetleri-de (aýratynlyklary-da) watansöýüjiligiň tarapdarlary tarapyndan maksatlaýyn matlapda watansöýüjilik düşünjesiniň içine sygdyrylýar, ýöne bu hakyky watansöýüjiligi döretmeýär. Halklaryň hususyýetleri adamzadyň ösüşiniň esasy şertidirem diýýärler. Eger watansöýüjilik bu hususyýetleriň goragyny üpjün edýän bolsa, gowy we peýdaly duýgydyr. Emma şu aýdyň hakykat dälmi näme: halklaryň bu hususyýetleri – däp-dessurlary, ynanç-ygtykatlary, dilleri adamyň durmuşy üçin birmahallar gerekli şertler bolup hyzmat edenem bolsa, häzirki wagtda şol bir aýratynlyklar bireýýäm ideal hökmünde kabul edilen zadyň – halklaryň doganlaşyp birleşmeginiň öňündäki iň uly päsgelçiligi döredýänem? Aýratynam, rus, nemes, anglo-sakson ýa-da haýsydyr bir başga milletiň goralmagy we munuň üçin diňe wenger, polýak, irland halklarynyň däl-de, basklar, prowanslar, mordwinler[1], çuwaşlar ýaly birnäçe halkyýetleriň goralmagy, adamlaryň özara ýakynlaşmasyna we jebisleşmegine hyzmat etmän, gaýtam barha artýan saýrylaşma we bölünşige hyzmat edýär.

Görşüňiz ýaly, hyýaly däl hakyky watansöýüjilik – häzir birnäçe adamy eksplutatirlemekde ulanylýan, adamlary rehim-

şepagatsyzlyk bilen tary-mar edýän watansöýüjilik adamyň öz halkyna ruhy gymmatlyklary berjek bolup öňe sürüldigi däl (adamyň diňe öz halkyna ruhy gymmatlyk arzuwlamagy mümkin däl). Halklaryň hususyýeti-de däl, (bular duýgy däl, husysyýet). Watansöýüjilik – ähli beýleki halklardan we döwletlerden öň öz halkyny ýa-da döwletini eý görmek görnüşindäki mümkingadar gödek hem-de munuň netijesi hökmünde şol halk ýa-da döwlet üçin gazanyp boljak iň uly berkararlyk bilen güýji diňe beýleki halklaryň ýa-da döwletleriň berkararlygyny we güýjüni ýok etmegiň hatyrasyna eýeläp bolaýjak zatlary edinmek isleginden başga zat däldir.
Hut şonuň üçinem watansöýüjilik düşünjesi duýgy taýdan juda erbet we zyýanly, doktrina taýdanam akmaklykdyr, çünki her bir halk we her bir döwlet özüni beýleki halklardyr döwletleriň iň gowusydyr öýtse, olaryň hemmesiniň gaflatda ýaşajakdygy köre hasadyr.

Lew TOLSTOÝ.

---

*[1]1899-1902-nji ýyllaryň Günorta Afrika urşy. Britaniýanyň we gollandiýaly burlaryň arasyndaky Ikinji Bur urşy (Birinjisi 1880-1881-nji ýyllarda bolup geçip, ol Transwaal urşy diýibem ýatlanýar). Britaniýa bilen burlaryñ arasynda dowamly oňuşmazlyk bolupdyr. Britaniýalylar burlaryň eýelik edýän ýerlerinde çykan altyn känlerine hüjüm edende, bu oňşuksyzlygyň yzy urşa ýazýar. 1902-nji ýylda burlar ýeňilýär. Bur respublikalary Beýik Britaniýa imperiýasyna birikdirilýär. Tolstoýyň aradan çykan 1910-njy ýylynda Britaniýa halklary bileleşmesiniň agzasy hökmünde burlaryň höküm süren ýerinde Günorta Afrika bileleşigi gurulýar.* Filosofiýa